**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

**– BIZ PARAHATÇYLYGYŇ WE ADAMZADYŇ SAZLAŞYKLY ÖSÜŞINIŇ BÄHBIDINE ÖZ GOŞANDYMYZY GOŞMAGA HEMIŞE TAÝÝARDYRYS.**

#34 (317)

пятница, 11 сентября 2026 года

ESASLANDYRYJY – TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGI

ELEKTRON GAZET 2020-nji ÝYLYŇ 1-nji AWGUSTYNDAN BÄRI ÇYKARYLÝAR

ИНТЕРНЕТ ГАЗЕТА

# Международные новости



## TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI

**11-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi.**

Onda döwlet durmuşyna degişli birnäçe meselelere seredildi.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa ýurdumyzyň kanunçylygyny kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň hukuk binýadyny berkitmek, kanunçylyk işini kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işleri dowam etdirmegiň möhümdigini belledi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow şu ýylyň sentýabrynda Aşgabat şäherinde «Innowasiýalar we sanly tehnologiýalar ykdysady ösüşiň hereketlendiriji güýçleridir» atly ylmy-amaly maslahaty geçirmäge görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, ýurdumyzda ykdysadyýetiň innowasion ösüşini gazanmaga, ykdysadyýetiň pudaklaryna öňdebaryjy sanly tehnologiýalary ornaşdyrmaga aýratyn ähmiýet berilýändigini aýtdy. Arkadagly Gahryman Serdarymyz wise-premýere Watanymyzyň ykdysady ösüşine bagyşlanan ylmy-amaly maslahaty guramaçylykly geçirmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary G.Agajanow, T.Atahallyýew, B.Annamämmedow, N.Atagulyýew degişli ugurlarda alnyp barylýan işler barada hasabat berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, wise-premýerlere anyk tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Seýidowa Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllyk baýramy mynasybetli geçiriljek dabaralaryň we çäreleriň meýilnamasy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, döwletimiziň mukaddes Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk baýramynyň ýetip gelýändigini aýtdy we wise-premýere Garaşsyzlyk baýramy mynasybetli geçiriljek dabaralara we çärelere gowy taýýarlyk görmegi hem-de olary ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Mämmedow şu ýylyň oktýabr aýynda ýurdumyzyň käbir ýokary okuw mekdeplerinde sanly ulgam arkaly halkara ylmy-amaly maslahatlary geçirmek boýunça görülýän çäreler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, milli bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak, ýaşlaryň intellektual ukyplaryny ösdürmek, kämil hünärmenleri ýetişdirmek ugrunda ulgamlaýyn işler amala aşyrylýar. Ýurdumyzda Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň berýän hemaýatgoldawlary esasynda halkara olimpiadalar, forumlar, sergiler, ylmy-amaly maslahatlar ýokary derejede geçirilip, bu babatda baý tejribe toplanýar.

Milli strategiýalarda, maksatnamalarda kesgitlenen wezipelerden ugur alyp, 2026-njy ýylyň oktýabrynda Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynda «Gurluşyk we senagat toplumynda innowasion tehnologiýalaryň orny», Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetinde «Milli emeli aň tehnologiýalary: sanly ykdysadyýet, «akylly» diwersifikasiýa, durnukly ösüş» atly sanly ulgam arkaly halkara ylmy-amaly maslahatlary geçirmek göz öňünde tutulýar. Bu maslahatlara ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplary, professor-mugallymlary, alymlary bilen birlikde, dünýäniň abraýly ýokary okuw mekdepleriniň, iri halkara guramalaryň wekilleriniň gatnaşmagyna garaşylýar. Olarda «ýaşyl», howpsuz, «akylly» şäher konsepsiýasy, innowasion gurluşyk serişdeleriniň önümçiligi, önümçilik amallaryny awtomatlaşdyrmak we robot tehnologiýalaryny ornaşdyrmak, ykdysadyýeti «akylly» diwersifikasiýalaşdyrmakda we sanlylaşdyrmakda, durnukly ösüşi üpjün etmekde emeli aň tehnologiýalarynyň innowasion mümkinçilikleri boýunça dünýä tejribelerini öwrenmek meýilleşdirilýär. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzda ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamak, ylym-bilim ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy berkitmek boýunça zerur işleriň durmuşa geçirilýändigini belledi. Döwlet Baştutanymyz Diýarymyzyň agzalan ýokary okuw mekdeplerinde sanly ulgam arkaly halkara ylmy-amaly maslahatlary geçirmek bilen bagly taýýarlanan teklibi goldap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow hormatly Prezidentimiziň Koreýa Respublikasyna döwlet saparyna hem-de onuň çäklerinde gatnaşjak «Merkezi Aziýa — Koreýa Respublikasy» ilkinji sammitine görülýän taýýarlyk işleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Koreýa Respublikasynyň ýurdumyzyň ýakyn hyzmatdaş döwletleriniň biridigini, iki ýurduň arasynda dostlukly gatnaşyklaryň yzygiderli ösdürilýändigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz Koreýa Respublikasyna boljak döwlet saparyna, köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmäge gönükdirilen «Merkezi Aziýa — Koreýa Respublikasy» sammitine gowy taýýarlyk görmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annaýew «Türkmenhowaýollary» döwlet gullugynyň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça ýerine ýetirilýän işler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda ýurdumyzyň raýat uçuşlaryň howpsuzlygyny we yzygiderliligini ýokary derejede üpjün etmek maksady bilen, Halkara raýat awiasiýasy guramasynda (ICAO) kabul edilen halkara standartlara laýyklykda zerur işler alnyp barylýar. Bu işlerde daşary ýurt kompaniýalary bilen hyzmatdaşlyga aýratyn ähmiýet berilýär. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli teklibi hödürledi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň milli awiasiýa pudagyny ösdürmäge möhüm ähmiýet berilýändigini belledi hem-de awiasiýa pudagynda uçuşlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen taýýarlanylan teklibi goldap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ГЛАВУ КОРЕЙСКОЙ НАРОДНО-ДЕМОКРАТИЧЕСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Председателю государственных дел Корейской Народно-Демократической Республики Ким Чен Ыну по случаю национального праздника страны – Дня образования Корейской Народно-Демократической Республики.

Пользуясь этой возможностью, Президент Туркменистана выразил главе Корейской Народно-Демократической Республики Ким Чен Ыну искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу страны – мира, благополучия и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ГЛАВУ РЕСПУБЛИКИ ТАДЖИКИСТАН

Президент Сердар Бердымухамедов от имени народа, Правительства Туркменистана и от себя лично направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Таджикистан Эмомали Рахмону и братскому народу страны по случаю 35-летия независимости Республики Таджикистан.

Отметив значительность успехов, достигнутых Республикой Таджикистан за годы независимости в деле укрепления государственности, обеспечения социально-экономического развития и повышения своего авторитета на международной арене, глава государства подчеркнул придаваемое Туркменистаном большое значение наращиванию и расширению межгосударственных отношений. «Отрадно отметить, что наши страны успешно координируют действия в политико-дипломатической, торгово-экономической, культурно-гуманитарной и других сферах», – отметил в своём послании Президент Туркменистана, выразив убеждённость, что совместными усилиями двустороннее сотрудничество будет и далее развиваться и углубляться на благо наших народов.

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Сердар Бердымухамедов искренне пожелал Президенту Эмомали Рахмону крепкого здоровья, счастья и благополучия, а братскому народу Таджикистана – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНАПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ФЕДЕРАТИВНОЙ РЕСПУБЛИКИ БРАЗИЛИЯ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Федеративной Республики Бразилия Луису Инасиу Луле да Силве и народу страны по случаю национального праздника – Дня независимости Федеративной Республики Бразилия.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава Туркменистана выразил Президенту Луису Инасиу Луле да Силве искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Бразилии – мира, прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ КОРОЛЯ ЭСВАТИНИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Королю Эсватини Мсвати III по случаю национального праздника – Дня независимости Королевства Эсватини.

Пользуясь этой приятной возможностью, глава Туркменского государства выразил Королю Эсватини Мсвати III искренние пожелания крепкого здоровья и счастья, а народу Эсватини – мира благополучия и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНЯЛ ГОСУДАРСТВЕННОГО МИНИСТРА ЭКОНОМИКИ, ТОРГОВЛИ И ПРОМЫШЛЕННОСТИ ЯПОНИИ



11 сентября 2026 года Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов принял Государственного министра экономики, торговли и промышленности Японии Кэндзи Ямада.

Выразив признательность главе государства за возможность встречи и оказанное гостеприимство, Кэндзи Ямада отметил, что в Японии придают особое значение развитию многоплановых отношений с Туркменистаном, и, пользуясь возможностью, передал Президенту Сердару Бердымухамедову и Национальному Лидеру туркменского народа, Председателю Халк Маслахаты Герою-Аркадагу тёплые слова приветствия от Императора Японии Нарухито и Премьер-министра Санаэ Такаити.

Кэндзи Ямада подчеркнул значимость визитов Президента Туркменистана в Японию с целью участия в первом саммите Диалога «Центральная Азия – Япония» и во Всемирной выставке «ЭКСПО-2025», состоявшейся в городе Осака.

Гость также отметил, что Туркменистан первым из участников провел свой Национальный день на Всемирной выставке, что привлекло большое внимание участников смотра к Туркменистану.

Поблагодарив за добрые слова, Президент Туркменистана адресовал ответные наилучшие пожелания руководству Японии, выразив уверенность, что результаты встреч, предстоящие в ходе нынешнего визита Кэндзи Ямада, внесут весомый вклад в развитие туркмено-японского экономического сотрудничества.

Было отмечено, что дружественные отношения между Туркменистаном и Японией последовательно развиваются на основе принципов взаимного уважения, равноправия и доверия. Двусторонние связи носят многоплановый характер и охватывают политико-дипломатическую, торгово-экономическую и культурно-гуманитарную сферы.

Говоря о политико-дипломатическом направлении, Президент Туркменистана констатировал, что взаимные визиты на высшем уровне, осуществляемые в последние годы, способствуют выводу сотрудничества на качественно новый уровень.

Эти отношения успешно развиваются не только на двусторонней основе, но и в многостороннем формате, в частности в рамках диалога «Центральная Азия + Япония».

Торгово-экономическая сфера является важной составляющей туркмено-японского взаимодействия, которое динамично расширяется в соответствии с национальными интересами двух стран, опираясь на общие стратегические цели и сотрудничество в области высоких технологий и инвестиций.

У Туркменистана накопился позитивный опыт эффективного партнёрства с ведущими японскими компаниями в реализации крупных проектов в транспортной, газохимической и агропромышленной отраслях.

Отметив, что Туркменистан высоко ценит богатый опыт Японии в области инновационных технологий и современных инженерных решений, глава государства подчеркнул наличие благоприятных условий и возможностей для развития взаимовыгодного партнёрства и выразил заинтересованность в его дальнейшем расширении в сферах экономики, торговли и промышленности.

В завершение встречи Президент Сердар Бердымухамедов и Государственный министр экономики, торговли и промышленности Японии Кэндзи Ямада выразили уверенность, что традиционные дружественные туркмено-японские отношения и эффективное сотрудничество будут и впредь развиваться в интересах двух стран и народов, и обменялись наилучшими пожеланиями.

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI FRANSIÝANYŇ ADATDAN DAŞARY WE DOLY YGTYÝARLY ILÇISINI KABUL ETDI



2026-njy ýylyň 9-njy sentýabrynda Prezident Serdar Berdimuhamedow Fransiýa Respublikasynyň Türkmenistanda täze bellenilen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi Alena Grandy kabul etdi. Ol döwlet Baştutanymyza ynanç hatyny gowşurdy.

Diplomat wagt tapyp kabul edendigi üçin Türkmenistanyň Prezidentine tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, Fransiýada Türkmenistan bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge uly ähmiýet berilýändigini belledi hem-de mümkinçilikden peýdalanyp, Prezident Emmanuel Makronyň döwlet Baştutanymyza, Gahryman Arkadagymyza iberen mähirli salamyny ýetirdi.

Prezident Serdar Berdimuhamedow Fransiýanyň Prezidentine iň gowy arzuwlaryny beýan edip, Alena Grandy Fransiýa Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi wezipesine bellenilmegi bilen gutlady hem-de oňa bu jogapkärli diplomatik wezipesinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Duşuşygyň dowamynda nygtalyşy ýaly, Fransiýa Respublikasy Türkmenistanyň Ýewropadaky esasy hyzmatdaşlarynyň biri bolup durýar. Türkmenistan söwda-ykdysady, energetika, medeni-ynsanperwer ulgamlarda hyzmatdaşlygy ösdürmäge uly ähmiýet berýär. Söhbetdeşler Türkmenistanyň hem-de Fransiýanyň diňe bir ikitaraplaýyn görnüşde däl, eýsem, halkara düzümleriň çäklerinde-de üstünlikli hyzmatdaşlyk edýändiklerini kanagatlanma bilen bellediler. Birleşen Milletler Guramasy, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy ýaly abraýly halkara guramalaryň çäklerindäki özara gatnaşyklar munuň aýdyň mysalydyr.

Bellenilşi ýaly, türkmen-fransuz gatnaşyklary diňe bir döwletara derejede çäklenmän, eýsem, iki ýurduň hususy pudaklarynyň ugry boýunça hem işjeň ösdürilýär.

Türkmenistanyň döwlet Baştutany Türkmenistanyň energetika, ulag-logistika infrastrukturasy, ylym, medeniýet ýaly ugurlarda täze başlangyçlary bilelikde durmuşa geçirmäge taýýardygyny aýtdy.

Medeni-ynsanperwer ulgam türkmen-fransuz gatnaşyklarynyň möhüm bölegi bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, medeniýetleriň özara baýlaşdyrylmagynyň dostlukly gatnaşyklary mundan beýläk-de pugtalandyrmaga ýardam berýändigi nygtaldy.

Fransiýa Respublikasynyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi Alena Grand Bitarap Türkmenistanda diplomatik wezipäni ýerine ýetirmegiň özi üçin uly hormatdygyny aýdyp, iki ýurduň halklarynyň bähbidine döwletara hyzmatdaşlygy täze derejä çykarmak üçin ähli tagallalary etjekdigine ynandyrdy.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНЯЛ ЧРЕЗВЫЧАЙНОГО И ПОЛНОМОЧНОГО ПОСЛА ЕВРОПЕЙСКОГО СОЮЗА

9 сентября 2026 года Президент Сердар Бердымухамедов принял вновь назначенного Чрезвычайного и Полномочного Посла Европейского Союза в Туркменистане Люка Пьера Девина. Посол вручил главе государства верительные грамоты.



Выразив сердечную признательность Президенту Туркменистана за уделённое для встречи время, дипломат отметил, что для него большая честь представлять Евросоюз в Туркменистане. Пользуясь случаем, Посол передал главе государства и Национальному Лидеру туркменского народа тёплые слова приветствия от Председателя Европейского Совета Антониу Кошта и Председателя Европейской Комиссии Урсулы фон дер Ляйен.

Передав наилучшие пожелания руководству Евросоюза, Президент Сердар Бердымухамедов сердечно поздравил Люка Пьера Девина с назначением на высокий дипломатический пост и пожелал больших успехов в выполнении ответственной миссии во имя дальнейшего развития отношений между Туркменистаном и Европейским Союзом.

Как отмечалось, Туркменистан придаёт большое значение взаимодействию с Евросоюзом, который является одним из важных международных партнёров.

В ходе встречи констатировалось, что Туркменистан привержен дальнейшему развитию политического диалога с Европейским Союзом, активизации обмена мнениями по актуальным вопросам международной и региональной повестки дня, представляющим взаимный интерес.

Одним из ключевых векторов взаимодействия была названа торгово-экономическая сфера. В данном контексте глава государства отметил наличие больших возможностей для увеличения товарооборота, расширения деловых контактов с компаниями европейских стран и реализации новых инвестиционных проектов. Наряду с этим подчёркивалось, что Туркменистан уделяет огромное внимание сотрудничеству в таких направлениях, как энергетика, транспорт и логистика, промышленность, сельское хозяйство, цифровые технологии и охрана окружающей среды.

Особый акцент был сделан на важности наращивания партнёрства между Туркменистаном и Европейским Союзом в транспортно-коммуникационном секторе. В этой связи отмечалось, что реализация потенциала маршрутов, пролегающих через Каспийское море к европейским рынкам, и Транскаспийского транспортного коридора отвечает общим интересам.

Кроме того, констатировалось наличие больших возможностей для углубления сотрудничества в энергетической сфере, в том числе в таких направлениях, как развитие возобновляемых источников энергии и переход к «зелёной» экономике.

Неотъемлемой составляющей взаимодействия выступает культурно-гуманитарная сфера. В данной связи подчёркивалось, что контакты по линии образования, науки и культуры служат укреплению обоюдного доверия.

Ещё раз выразив Президенту Сердару Бердымухамедову признательность за уделённое для встречи время, дипломат заверил главу государства, что приложит все усилия для дальнейшего наращивания дружественных отношений между Европейским Союзом и Туркменистаном.

## TÜRKMEN HALKYNYŇ MILLI LIDERI NIDERLANDLAR PATYŞALYGYNDA GEÇIRILEN AHALTEKE ATLARYNYŇ ARASYNDA ATLY SPORT WE GÖZELLIK BÄSLEŞIGINIŇ DÜNÝÄ ÇEMPIONATYNA GATNAŞDY

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz ahalteke atlarynyň arasynda atly sport we gözellik bäsleşiginiň dünýä çempionatyna gatnaşmak maksady bilen, Niderlandlar Patyşalygyna sapary amala aşyrdy.

Düsseldorf halkara howa menzilinde türkmen halkynyň Milli Liderini Germaniýanyň we Türkmenistanyň resmi adamlary mähirli garşyladylar.

Soňra Gahryman Arkadagymyz Kronenberg şäherindäki “Pilbergen” atçylyk-sport toplumyna ugrady.

Atçylyk-sport toplumynyň binasynyň öňünde ahalteke bedewlerine bagyşlanan ajaýyp edebi-sazly kompozisiýa ýerine ýetirildi.

Çykyşlar tamamlanandan soňra, Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň açyk mejlisi geçirildi.

Mejlisiň barşynda Ýewropa Ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň ýolbaşçysy Marian Weltewreden, Niderlandlar Patyşalygynyň Komissary — Limburg welaýatynyň gubernatory Emil Roemer, Niderlandlar Patyşalygynyň Döwlet ministri Ýan Peter Balkenende, Ýewropa we Demirgazyk Amerika ÝUNESKO klublarynyň we assosiasiýalarynyň federasiýasynyň ýolbaşçysy Ioannis Maronitis, şeýle hem Ispaniýa Patyşalygynyň Ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň ýolbaşçysy, Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň agzasy, Türkmenistanyň at gazanan atşynasy Blanka de Toledo çykyş etdiler.

Çykyşlaryň dowamynda gatnaşyjylar ahalteke bedewleriniň taryhy we medeni ähmiýetini, Türkmenistanyň milli mirasyny gorap saklamakda we dünýäde giňden wagyz etmekde olaryň eýeleýän ornuny, şeýle hem ahalteke atçylygy we atly sport ulgamynda halkara hyzmatdaşlygyň möhümdigini nygtadylar. Kronenberg şäherinde geçirilýän çäreleriň halklaryň arasynda dostlugy, özara düşünişmegi we medeniýetara dialogy pugtalandyrmaga, halkara assosiasiýalaryň arasyndaky hyzmatdaşlygy giňeltmäge hem-de ahalteke bedewleriniň dünýäde şanşöhratyny has-da belende galdyrmaga ýardam berýändigi bellenildi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygynyň çykyşy uly üns bilen diňlenildi.

Gahryman Arkadagymyz ahalteke bedewleriniň geljekki ykbalynyň geçmişden hem şöhratly bolmagyny gazanmagyň hemmeleriň umumy borjy bolup durýandygyna ynam bildirip, häzirki döwürde munuň üçin ähli mümkinçilikleriň bardygyny aýtdy.

Bellenilişi ýaly, ilkinji nobatda, dünýä atçylyk sportuna gatnaşmagy giňeltmek möhümdir.

Şunuň bilen bir hatarda, türkmen halkynyň Milli Lideri weterinar ylmyna maýa goýmagyň, özboluşly genomy öwrenmek üçin halkara barlag grantlaryny döretmegiň zerurdygyny aýtdy.

Şeýle hem ahalteke bedewiniň bitewi genetik bankyny, ahalteke atlarynyň Halkara gaznasyny döretmek başlangyjyna seretmek teklip edildi.

Mejlisiň ahyrynda Gahryman Arkadagymyz Kronenberg şäheriniň ýolbaşçylaryna myhmansöýerlik we mähirli garşylandyklary, çäreleri üstünlikli geçirmäge goşan uly goşantlary üçin tüýs ýürekden minnetdarlygyny beýan etdi.

Soňra Gahryman Arkadagymyz «Iň owadan bezelen at» bäsleşiginiň geçirilýän ýerine geldi.

Gözellik bäsleşiginde eminler tarapyndan gelnen çözgüde görä, dünýä çempionatynyň ýeňijisi yglan edildi. Meýdança Fransiýadan gelen A.Martinesiň hojalygyna degişli Ýyndam atly gara reňkli at çykaryldy.

Soňra “Pilbergen” atçylyk-sport toplumynyň “Maya delorez” meýdançasynda ahalteke atlarynyň arasynda geçirilen dünýä çempionatynyň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy hem-de konsert guraldy.

Dabarada türkmen halkynyň Milli Liderine uly hormat bilen söz berildi.

Gahryman Arkadagymyz ahalteke bedewine bagyşlanan dünýä çempionatynyň jeminiň jemlenýändigini belläp, munuň dünýä atçylygynyň taryhynda möhüm wakadygyny aýtdy.

Şeýle-de atlaryň şaý-sepleriniň hem-de atçylyga bagyşlanan türkmen halylarynyň sergisi we sergiýarmarka ýokary derejede geçirildi.

Türkmen artistleriniň we dünýä belli «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň çykyşlary bolsa baýramçylyk şowhunyny döretdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri ýeňijilere we baýrakly orunlara mynasyp bolanlara ýüzlenip, olaryň gazanan üstünlikleriniň ahalteke bedewine bolan çäksiz söýgini, çeken ägirt uly zähmetini görkezýändigini aýtdy hem-de olara alyp barýan işlerinde täze üstünlikleri, täze ýeňişleri arzuw etdi.

Soňra Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň adyndan, ýaryşyň ýeňijisine baş baýragyň — «Ahalteke atlarynyň arasynda dünýä çempiony» diýen «Gran-pri» baýragynyň gowşurylýandygyny aýdyp, bu ajaýyp we owadan bedewiň eýesini şeýle ajaýyp ýeňiş bilen gutlady.

Şeýle hem Gahryman Arkadagymyz dabara gatnaşyjylara ýene-de bir gezek tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirip, Halkara ahalteke atçylyk bileleşigine agzybirlik, rowaçlyk we täze ýeňişleri arzuw etdi.

Çäreleriň dowamynda bäsleşigiň netijeleri jemlendi.

«Ahalteke atlarynyň arasynda dünýä çempiony — 2026» atly bäsleşigiň ýeňijisi dabaraly ýagdaýda yglan edildi.

Soňra ahalteke atlarynyň arasynda geçirilen gözellik bäsleşikleriniň ýeňijileri yglan edildi.

Şeýle hem ahalteke atlarynyň dünýä çempionatynyň çäklerinde heýkeltaraşlaryň, nakgaşlaryň, zergärleriň, halyçylaryň we fotosuratçylaryň arasynda ahalteke bedewleriniň gözelligini wasp etmek boýunça halkara döredijilik bäsleşiginiň netijeleri yglan edildi.

Halkara bäsleşigiň ýeňijileri özleriniň zähmetine berlen ýokary baha üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, ahalteke atlarynyň dünýädäki şöhratyny has-da ýokarlandyrmak ugrunda geljekde hem zehinini we ukyp-başarnyklaryny gaýgyrmajakdyklaryna ynandyrdylar. Şeýle hem olar türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygynyň başlangyjy bilen şeýle abraýly halkara bäsleşikleriň ýokary derejede guralandygy üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdiler.

Soňra Gahryman Arkadagymyza Türkmenistan bilen Niderlandlar Patyşalygynyň arasyndaky dostlugyň, özara hormatyň nyşany hökmünde friz tohumly at sowgat berildi.

Baýraklary gowşurmak dabarasy tamamlanandan soňra, ahalteke atlarynyň arasynda geçirilen gözellik we atly sport bäsleşigi boýunça dünýä çempionatynyň üstünlikli geçirilmegi mynasybetli konsert guraldy.

Soňra Gahryman Arkadagymyz çärelere gatnaşan ýokary derejeli myhmanlary ýurdumyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllygy mynasybetli geçiriljek dabaralara çagyrdy we olar bilen mähirli hoşlaşyp, bu ýerden ugrady.

Biraz wagtdan Milli Liderimiz Germaniýanyň Düsseldorf şäherine geldi we bu ýerden Watanymyza ugrady.

* * *

Ahalteke atlarynyň arasynda atly sport we gözellik bäsleşiginiň dünýä çempionatynyň çäklerinde Kronenberg şäheriniň «Pilbergen» atçylyk-sport toplumynda türkmen atçylyk sungatyna, medeniýetine, çeper döredijiligine we Ýewropanyň atçylyk pudagyna bagyşlanan serginiň hem guralmagy dabaralaryň many-mazmunyny, täsirliligini artdyrdy.

## MEETING OF HERO-ARKADAG WITH THE HEAD OF “ÇALIK HOLDING”

As part of his visit to the Kingdom of the Netherlands, the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan Hero-Arkadag met with the Chairman of the Board of Directors of the “Çalik Holding” group of companies Ahmet Çalık.

Expressing his sincere gratitude for the time devoted to the meeting and the invitation to the World Ahal-Teke Horse Breeding Championship, Ahmet Çalık noted that meeting with Hero-Arkadag in the Kingdom of the Netherlands is a great honor for him.

It was emphasized that the high level of organization of the events held by Turkmenistan in Europe is a vivid proof of the successful implementation by the President of Turkmenistan of the initiatives of the Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan to enhance the global fame of the Turkmen art of horse breeding.

Expressing gratitude for the kind words, the National Leader of the Turkmen people expressed confidence that the first-ever World Ahal-Teke Horse Breeding Championship would provide impetus for further rapprochement of countries and peoples.

At the same time, it was emphasized that relations between Turkmenistan and the Republic of Türkiye are currently developing successfully on a wide range of fields.

Expressing appreciation for the high trust placed in him, the entrepreneur thanked the Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan and the President of Turkmenistan for the favorable working conditions created in his historical Homeland, assuring that his company would continue to approach the fulfillment of its contractual obligations with the utmost responsibility.

In conclusion of the meeting, the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan, Hero-Arkadag, and the Chairman of the Board of Directors of the “Çalik Holding” group of companies Ahmet Çalık exchanged their best wishes.

## MEETING BETWEEN THE MINISTER OF FOREIGN AFFAIRS OF TURKMENISTAN AND THE CIS SECRETARY GENERAL

On the 10th of September 2026, Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov had a meeting with Secretary General of the Commonwealth of Independent States Sergey Lebedev, who arrived in Turkmenistan to participate in the 111th meeting of the CIS Economic Council.



During the meeting, the sides exchanged views on current issues on the CIS agenda. Particular attention was paid to the practical implementation of the priorities of Turkmenistan’s chairmanship in the Commonwealth in 2026, as well as preparations for upcoming events at high and the highest levels.

The sides also discussed preparations for the meetings of the CIS Council of Ministers of Foreign Affairs and the CIS Council of Heads of State, planned to be held on 7 and 9 October 2026, in the National Tourist Zone «Avaza». In this regard, organizational aspects of the upcoming high-level events and the content of their agendas were discussed.

The sides also considered further improvement of cooperation mechanisms within the Commonwealth, with particular attention to expanding practical cooperation in the areas of mutual interest.

At the conclusion of the meeting, the sides reaffirmed their shared commitment to continuing constructive collaboration and joint efforts aimed at further strengthening multilateral cooperation within the CIS.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### В Исламабаде отметили Дни независимости стран Центральной Азии и Азербайджана

9 сентября 2026 года в Музее народного наследия Пакистана Lok Virsa в Исламабаде был организован Многоязычный и многокультурный концерт, посвященный Дням независимости государств Центральной Азии и Азербайджана. Мероприятие было организовано Форумом Дружбы Народов Евразии совместно с посольствами стран региона и при содействии Национального института народного и традиционного наследия Пакистана.

Главы дипломатических миссий стран Центральной Азии, Азербайджана и Российской Федерации, поздравив присутствующих с национальными праздниками, подчеркнули особую роль культурного диалога в укреплении дружбы, взаимного уважения и взаимопонимания между народами.

Ярким украшением мероприятия стала насыщенная концертная программа, в рамках которой пакистанские артисты в национальных костюмах представили традиционные танцы и музыкальные композиции народов Центральной Азии и Азербайджана, в том числе туркменский традиционный танец «Куштдепди». Выступления продемонстрировали самобытность и богатство национальных культур, многообразие традиций и культурного наследия народов региона.

В мероприятии приняли участие главы дипломатических миссий стран Центральной Азии, Азербайджана и Российской Федерации, руководства Lok Virsa, представители пакистанских государственных и культурных учреждений, а также представители общественных и экспертных кругов.

### Обсуждены перспективы сотрудничества Туркменистана и Азербайджана в сфере судостроения

В целях дальнейшего развития экономического и производственного сотрудничества между Туркменистаном и Азербайджанской Республикой состоялся визит делегации Туркменистана во главе с заместителем генерального директора Судостроительного и судоремонтного завода «Балкан» г-ном Довраном Джапаровым в Бакинский судостроительный завод в Азербайджанской Республике.

В ходе встречи с руководством Бакинского судостроительного завода туркменская сторона была проинформирована о деятельности предприятия, основных направлениях его работы и реализуемых проектах. Стороны обсудили современные возможности в области строительства и ремонта судов, а также вопросы, представляющие взаимный интерес.

Особое внимание в ходе состоявшихся переговоров было уделено обмену практическим опытом и профессиональными знаниями, расширению рабочих контактов между профильными предприятиями, а также возможным направлениям дальнейшего сотрудничества в судостроительной и судоремонтной отрасли.

По итогам визита стороны отметили важность поддержания регулярных профессиональных контактов и выразили заинтересованность в продолжении диалога с целью выявления новых возможностей для практического взаимодействия.

### Главный имам Туркменистана встретился с президентом Исламского университета Медины

Находящийся с рабочим визитом в Королевстве Саудовская Аравия председатель религиозной организации «Arkadagyň ruhy metjidi», Главный имам Ялкап Ходжагулыев 8 сентября 2026 года встретился с президентом Исламского университета Медины доктором Салехом бин Али Аль-Акля.

В ходе встречи Я. Ходжагулыев проинформировал о проводимой в нашей стране работе по созданию «Arkadagyň ruhy metjidi» и высшего учебного заведения, которое будет действовать при ней. Он также отметил большую заинтересованность туркменской стороны в изучении богатого опыта Саудовской Аравии в сфере исламского образования и использовании этого опыта.

В ходе встречи стороны обсудили направления налаживания сотрудничества в сфере религиозного образования. По итогам встречи была достигнута договорённость о заключении Меморандума о взаимопонимании между Исламским университетом Медины и высшим учебным заведением при «Arkadagyň ruhy metjidi».

Руководитель туркменской делегации Я. Ходжагулыев пригласил президента Исламского университета Медины доктора Салеха бин Али Аль-Акля посетить Туркменистан для ознакомления с высшим учебным заведением, которое будет построено в городе Аркадаг.

В свою очередь, доктор Салех сообщил, что в январе 2027 года в Исламском университете Медины состоится международная научная конференция, и пригласил туркменскую сторону принять в ней участие.

В завершение встречи туркменская делегация ознакомилась с соответствующими факультетами и образовательными центрами университета.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***